# Ýör, deňze gideli!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýör, deňze gideli! ÝÖR, DEŇZE GIDELI



Uzatsana çekiç, byçgy hemem çüý.
Titanikden beýik gämi ýasajak,
Ýüzeli pikirli ummanlarda biz,
Dik ýokary galdyraly ýelkeni,
ýüregmiz we şemal bagta äkider,

pikir azat bolsun, goýber erkini,
özüm berjek pessimizmiň merkini.
Kän goş aljak bolmagyn sen ýanyňa,
Ýeke çeňňek rysgymyzy ýetirer,
Hatda çeňňegi hem taşlap gaýdyber,
Ak çaýkalar bize balyk getirer.

Gideli, baş alyp gideli bärden,
Goý, ýaşan ýaşasyn bu gara ýerde,
Erkin asman renkin deňizde synlap,
Erkinlik sahnasyn gurarys serde.

Şadyýan aýdymlar aýdarys bile,
Şondan uly bagt bormy heý-de bir,
Şoň üçin ýüzüme seredip durman,
Bar git, byçgy, çekiç hemem çüý äber.

Aşyr AŞYROW Goşgular